**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Fewral, 2026ý. 2-nji sany. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýyly



## TÜRKMENISTAN – BEDEW BATLY ÖSÜŞLERIŇ MEKANY

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan bäri öz ösüş ýolunda bedew batly öňe hereket edip, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýän uly üstünlikleri gazanýar. Bu ösüşler, diňe bir ykdysady görkezijiler bilen çäklenmän, eýsem durmuş, medeniýet, sport we halkara gatnaşyklar ýaly ähli ugurlary öz içine alýar. “Bedew batly ösüş” diýen jümle, türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan ahalteke atlarynyň çeýeligi, batlylygy we maksadaokgunlylygy bilen utgaşyp, ýurduň geljekki belent maksatlara ýetmek ugrundaky ymtylmasyny aýdyň beýan edýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda we Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler, Türkmenistanyň yzygiderli ösüşiniň we gülläp ösmeginiň esasy kepilidir.

Türkmenistanyň ykdysadyýeti, soňky ýyllarda durnukly ösüş depginlerini görkezýär. Nebit-gaz pudagy, energetika, oba hojalygy, dokma senagaty we gurluşyk ýaly esasy pudaklar yzygiderli kämilleşdirilýär. Ýurduň baý tebigy serişdeleri, hususan-da, uly gaz gorlary, dünýä energetika bazarynda Türkmenistanyň ornuny pugtalandyrýar. Halkara ähmiýetli gaz geçirijileriň gurluşygy, ýurduň energetika howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bir hatarda, sebitde we dünýäde energetika hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly goşant goşýar. Oba hojalygynda hem uly üstünlikler gazanylýar. Döwrebap oba hojalyk tehnikalarynyň ornaşdyrylmagy, suw serişdelerini netijeli ulanmak boýunça täze tehnologiýalaryň ulanylmagy, ekinleriň hasyllylygyny artdyrmaga we azyk bolçulygyny üpjün etmäge ýardam berýär. Dokma senagatynda hem öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylyp, ýokary hilli önümler öndürilýär, olar dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýar. Gurluşyk pudagynda bolsa, täze şäherler, obalar, ýaşaýyş jaý toplumlary, mekdepler, çagalar baglary, saglyk merkezleri we sport desgalary yzygiderli gurulýar, bu bolsa ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Durmuş ulgamynda hem “bedew batly” ösüşler amala aşyrylýar. Bilim we saglygy goraýyş ulgamlary yzygiderli kämilleşdirilýär. Täze okuw mekdepleri, uniwersitetler we ylmy-barlag merkezleri gurulýar, olar ýaş nesle dünýä derejesindäki bilim bermäge mümkinçilik berýär. Saglygy goraýyş ulgamynda bolsa, döwrebap hassahanalar, saglyk merkezleri we enjamlar ornaşdyrylyp, ilatyň saglygyny goramak we keselleriň öňüni almak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Ilatyň durmuş goraglylygy hem döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Medeniýet ulgamynda hem uly ösüşler gazanylýar. Milli medeni mirasymyzy gorap saklamak we ony geljekki nesillere ýetirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Täze medeni merkezler, teatrlary, muzeýler we kitaphanalar gurulýar, olar halkymyzyň baý medeniýetini wagyz etmäge we ösdürmäge ýardam berýär.

Sport ulgamynda hem Türkmenistan “bedew batly” ösüşleri görkezýär. Ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar. Aşgabatda bina edilen Olimpiýa şäherçesi, dünýä derejesindäki sport ýaryşlaryny kabul etmäge ukyply döwrebap sport desgalaryny özünde jemleýär. 2017-nji ýylda bu şäherçede Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary üstünlikli geçirildi, bu bolsa Türkmenistanyň halkara sport giňişligindäki abraýyny has-da belende göterdi. Futbol, hokkeý, tennis, göreş we beýleki sport görnüşleri yzygiderli ösdürilýär, ýaş zehinler ýüze çykarylýar we olara dünýä derejesindäki türgenleşik şertleri döredilýär. Türkmen türgenleri halkara ýaryşlarda yzygiderli üstünlikli çykyş edip, Watanymyzyň baýdagyny belende galdyrýarlar. “Arkadag” futbol toparynyň gysga wagtyň içinde gazanan uly üstünlikleri, türkmen sportunyň ösüşiniň aýdyň mysalydyr.

Halkara gatnaşyklar ulgamynda hem Türkmenistan özüniň bitaraplyk ýörelgesine berk eýerip, ähli ýurtlar bilen dostlukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge çalyşýar. Bitaraplyk statusy, Türkmenistana sebitde we dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmakda möhüm rol oýnamaga mümkinçilik berýär. Türkmenistan, BMG, ÝHHG we beýleki halkara guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Halkara forumlarda we maslahatlarda Türkmenistan, ählumumy meseleleri çözmek boýunça öz tekliplerini öňe sürýär we halkara bileleşigiň tagallalaryna goşant goşýar. Medeni we ynsanperwer hyzmatdaşlyk hem yzygiderli ösdürilýär. Dürli ýurtlar bilen medeni alyş-çalyşlar, festiwallar we sergiler gurulýar, bu bolsa halklaryň arasynda özara düşünişmegi we ýnamy pugtalandyrmaga ýardam berýär.

*Ogulnäzik Isenowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# «ARKADAG» WE «AL-NASSR» FUTBOL TOPARLARY DUŞUŞDY: TARYHY FUTBOL AGŞAMY




2026-njy ýylyň 11-nji fewralynda Aşgabadyň Olimpiýa şäherçesinde ýerleşýän Merkezi Aziýada iň uly Olimpiýa stadionynda Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň (AFK) II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynyň çäklerinde ýurdumyzyň “Arkadag” we Saud Arabystany Patyşalygynyň “Al-Nassr” futbol toparlarynyň arasynda taryhy duşuşyk geçirildi. Bu waka, diňe bir sport bäsleşigi bolman, eýsem Türkmenistanyň halkara sport giňişligindäki abraýyny has-da belende göteren, ýatdan çykmajak futbol baýramçylygyna öwrüldi. Duşuşyga bolan gyzyklanma örän ýokary bolup, müňlerçe janköýer stadiony doldurdy we öz toparlaryna ruhy goldaw berdi. Bu duşuşyk, türkmen futbolynyň ösüşinde täze bir tapgyry alamatlandyrdy we ýaş nesiller üçin uly höweslendiriji güýç boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda ýurdumyzda sporty ösdürmek, türkmen sportunyň dünýädäki abraýyny belende götermek, ilaty köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, bedenterbiýe, Olimpiýa hereketi arkaly sagdyn durmuş ýörelgelerini has-da ýaýbaňlandyrmak ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanda sportuň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda, futboly ösdürmäge hem aýratyn üns berilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen “Arkadag” futbol klubunyň döredilmegi sportuň iň meşhur görnüşini ösdürmekde aýratyn tapgyry alamatlandyrdy. Milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesini özünde jemleýän, sebitde ilkinji «akylly» şäher diýlip ykrar edilen Arkadag şäherinde döredilen bu topar türkmen futbolynyň sazlaşykly ösüşiniň aýdyň beýanyna öwrüldi. Döredileninden bäri köp wagtyň geçendigine garamazdan, “Arkadag” topary birnäçe gezek Türkmenistanyň çempiony bolmagy başardy. 2025-nji ýylda bolsa ýurdumyzyň bu meşhur topary Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň çempiony boldy. “Arkadag” toparynyň bu üstünlikleri ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň milli sporty mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýandygynyň nobatdaky güwäsidir.

Saud Arabystan Patyşalygynyň “Al-Nassr” topary bilen geçirilen duşuşyk hem “Arkadag” toparynyň halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş etmeginiň aýdyň netijesidir. Bu möhüm ähmiýetli futbol duşuşygy türkmenistanlylarda uly gyzyklanma döretdi. Garaşylýan tolgundyryjy pursat gelip ýetdi: futbol duşuşygynyň emininiň oýnuň başlanýandygynyň alamaty hökmünde jürlewük çalmagy bilen, ýaşyl meýdançada taryhy pursatlara badalga berildi. Bu ajaýyp wakanyň şanyna sebitde deňi-taýy bolmadyk 45 müň orunlyk Olimpiýa stadionynda futbol duşuşygynyň başlanýandygyny alamatlandyrýan sport alawy ýakyldy. Duşuşyk ilkinji minutlardan başlap çekeleşikli häsiýete eýe boldy. Iki toparyň oýunçylary hem meýdançada topa erk etmekde ussatlyklaryny görkezdiler. “Arkadagyň” oýunçylarynyň sazlaşykly hereketleri güýçli garşydaşynyň öňünde olaryň nähili taýýarlyklydyklaryny görkezdi. Olar hüjümleriň öňüni almak bilen bir hatarda, “Al-Nassr” toparynyň derwezesine yzygiderli garşylykly hüjümleri guradylar. Duşuşyk futbol janköýerleri üçin täsirli pursatlara baý boldy. Paýtagtymyzdaky Olimpiýa stadionynda emele gelen şowhun oýnuň ruhuny has-da belende göterdi. Müňlerçe tomaşaçynyň goldawy “Arkadag” toparynyň oýunçylaryny has-da ruhlandyrdy. Ýurdumyzyň “Arkadag” we Saud Arabystany Patyşalygynyň “Al-Nassr” futbol toparlarynyň arasyndaky bu duşuşyk futbolyň diňe bir oýun däl-de, eýsem, uly bir medeni wakadygyny hem görkezdi. Duşuşygyň dowamynda toparlaryň oýunçylarynyň görkezen ussatlygy futbolyň hakyky gözelligini ýüze çykardy. Meýdançadaky çekeleşikli hereketler oýnuň soňky minutlaryna çenli dowam etdi. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, arassa hem-de owadan oýun boldy. “Arkadag” — “Al-Nassr” duşuşygy 0:1 hasabynda tamamlandy. Milli Liderimiz oýun garşydaş toparyň peýdasyna tamamlansa-da, bu duşuşygyň halkymyz üçin toý-baýramdygyny, türgenlerimiziň bolsa ýene-de uly üstünliklere ymtyljakdygyny nygtapdy. Şeýlelikde, iki güýçli toparyň bu oýny taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazyldy. Futbolçylaryň görkezen gaýraty, janköýerleriň goldawy we halkara hyzmatdaşlygyň dabaralanmagy Aşgabatdaky futbol agşamynyň iň uly ýeňşi boldy.

***Daýanç Aganyýazow,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# «ARKADAG» FUTBOL TOPARY DÜNÝÄ METBUGATYNYŇ ÜNS MERKEZINDE




2026-njy ýylyň 9-njy fewralynda Aşgabatda geçirilen «Arkadag» futbol topary — türkmen futbolynyň buýsanjy we geljegi» atly metbugat maslahaty, Türkmenistanyň sport diplomatiýasynyň halkara giňişlikde nähili uly ähmiýete eýe bolýandygyny ýene bir gezek aýdyň görkezdi. Yurdumyzyň we daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda Olimpiýa şäherçesiniň Halkara ýaýlyma beriş merkezinde geçirilen bu forum, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça başlangyçlarynyň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky beýany boldy. Bu maslahat, diňe bir «Arkadag» toparynyň üstünliklerini dabaralandyrman, eýsem Türkmenistanyň sport ulgamynyň umumy ösüşini we halkara hyzmatdaşlyga açyklygyny görkezdi.

Çykyşlarda bellenilişi ýaly, sportuň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda, Türkmenistanda futboly ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň futbolda gazanýan üstünlikleriniň, hususan-da, «Arkadag» futbol toparynyň ýeňişleriniň möhüm ähmiýeti bellenildi. Mälim bolşy ýaly, bu futbol topary Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen 2023-nji ýylda döredildi. Toparyň esaslandyrylan ýylynda Türkmenistanyň çempionatynyň duşuşyklarynda we Türkmenistanyň Kubogy ugrundaky bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip, ajaýyp ýeňişleri gazanmagy onuň geljeginiň uludygyny aýdyň görkezdi. 2025-nji ýylda «Arkadag» futbol toparynyň AFK-nyň Çagyryş ligasynyň çempiony bolmagy bolsa türkmen sportunyň abraýyny has-da dabaralandyrdy. Bu üstünlikler, toparyň oýunçylarynyň ýokary hünär derejesini, tälimçiler toparynyň ussatlygyny we Türkmenistanyň sport ulgamynyň yzygiderli ösüşini görkezýär. «Arkadag» topary, gysga wagtyň içinde diňe bir milli derejede däl, eýsem halkara arenada hem özüni tanatmagy başardy.

Daşary ýurtly žurnalistler toparyň gazanýan üstünlikleriniň Türkmenistanda professional sporty ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän aladalaryň aýdyň netijesidigini bellediler hem-de «Arkadag» futbol toparynyň gysga wagtyň içinde gazanan üstünliklerine ýokary baha berdiler. Şunuň bilen bir hatarda, bu futbol toparynyň AFK-nyň II Çempionlar ligasyna gatnaşmagynyň toparyň halkara sport giňişliginde täze belentliklere ýetmegi üçin berk binýat bolup hyzmat etjekdigini aýratyn nygtadylar. Şeýle hem Arkadag şäheriniň döwrebap infrastrukturasynyň islendik derejedäki ýaryşlary geçirmäge mümkinçilik berýändigi we ýurdumyzy Aziýanyň möhüm sport merkezine öwürýändigi bellenildi. Bu bolsa Türkmenistanyň halkara sport giňişligindäki ornuny has-da pugtalandyrýar we ýurduň sport diplomatiýasynyň netijeliligini görkezýär.

Pikir alyşmalar «Arkadag» futbol toparynyň AFK-nyň II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynda Saud Arabystanyň Patyşalygynyň «Al-Nassr» topary bilen geçirjek duşuşygynyň ähmiýeti baradaky gürrüňler bilen dowam etdi. Bilermenler bu duşuşygy dünýäde millionlarça tomaşaçyny özüne çekjek iri sport wakasy hökmünde häsiýetlendirdiler, dünýä derejesindäki ýyldyzlaryň çykyş edýän toparyna garşy oýnamagyň diňe bir türkmen futbolçylary üçin ussatlyk synagy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, türkmen futbolyny tutuş yklyma tanyşdyrmak üçin hem uly mümkinçilikdigini nygtadylar. Bu duşuşyk, türkmen futbolynyň taryhynda täze sahypa açyp, ýaş futbolçylar üçin uly höweslendiriji güýç boldy. Şeýle hem bu duşuşyk, Türkmenistanyň halkara sport giňişligindäki ornuny pugtalandyrmaga we ýurduň sport diplomatiýasynyň netijeliligini görkezmäge ýardam berdi.

Maslahatyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň goldawlary bilen Türkmenistanda sportuň yzygiderli ösdürilýändigi, ýurdumyzyň parahatçylygyň ilçisi hökmünde sportuň ornuny berkitmäge aýratyn üns berýändigi bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurtly myhmanlar netijeli dialog üçin döredilen şertlere tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň sport diplomatiýasynyň halklaryň we yklymlaryň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek üçin möhüm gural bolup hyzmat edýändigini nygtadylar. Bu maslahat, diňe bir «Arkadag» toparynyň üstünliklerini dabaralandyrman, eýsem Türkmenistanyň sport ulgamynyň umumy ösüşini we halkara hyzmatdaşlyga açyklygyny görkezdi. Türkmenistan sport arkaly dünýäde parahatçylygyň we dostlugyň ilçisi hökmünde çykyş etmäge dowam eder, bu bolsa ýurduň halkara abraýyny has-da belende göterýär.

***Sapa Begliýew*, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## Ökdeler öňe saýlandylar

2026-njy ýylyň fewral aýynyň dowamynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp türgenleri ýurdumyzyň çäklerinde geçirilýän Halkara ýaryşlaryna gatnaşdylar we birnäçe baýrakly orunlara nynasyp boldular.

2026-njy ýylyň 07-08-nji fewraly aralygynda Italiýa Respublikasynyň Genoa şäherinde sportuň jiu-jitsu görnüşi boýunça geçirilen Halkara (Gran-Pri) ýaryşynda institutymyzyň talyplary baýrakly orunlary gazandylar. Sport fakultetiniň 303-nji toparynyň talyby S.Nuryýew, 305-nji toparynyň talyby Ý.Öwezow, 103-nji toparynyň talyby E.Ýollyýew we Bedenterbiýe fakultetiniň 417-nji toparynyň talyby S.Gökgäýewa dagy baýrakly 1-nji orna altyn medala, Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 324-nji toparynyň talyby A.Kullyýewa, Sport fakultetiniň 102-nji toparynyň talyby S. Nuryýew dagy 2-nji orna kümüş medala, Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 324-nji toparynyň talyby A.Kullyýewa we Sport fakultetiniň 103-nji toparynyň talyby D.Kullyýew dagy 3-nji orna bürünç medala nynasyp boldular.

2026-njy ýylyň 07-08-nji fewraly aralygynda Russiýa döwletiniň Grozny şäherinde sportuň erkin göreşi boýunça geçirilen Halkara ýaryşynda Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 127-nji toparynyň talyby B.Begenjow 3-nji orna bürünç medala mynasyp boldy. Talyp türgenlerimizi gazanan üstünlikleri bilen gyzgyn gutlaýarys.

***Ýeňiş Serdarow*, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## Sport ýaryşy

2026-njy ýylyň 13-nji fewralynda "Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at myradyň mekany" diýen şygar astynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutymyzda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp oglan-gyzlarynyň arasynda geçirilýän Türkmenistanyň talyplar basketbol, futzal we woleýbol ligasynyň täze tapgyryna badalga berildi.

Futzal boýunça ýaryşda talyplar ýokary tilsimlerini we tizliklerini görkezdiler. Institutymyzyň "Galkynyş" topary ilkinji oýunlarda özüniň taktiki kämilligini subut etdi. Tomaşaçylaryň gyzgyn goldawynda geçýän oýunlar, futzalyň ýaşlaryň arasynda iň söýgüli sportdygyny tassyklaýar.

Çalasynlary we çeýeleri saýlaýan basketbol oýny boýunça geçirilýän bäsleşikler hem gyzykly boldy. Institutymyzyň basketbolçy talyplary sebede pökgi oklamakda, hüjüm we goranyş taktikasyny ýerine ýetirmekde ussatlyk görkezip, beýleki ýokary okuw mekdepleriniň toparlaryna mynasyp garşylyk görkezýärler.

Toparlaýyn oýnalyp, kópleriň ünsüni çekýän woleýbol ýaryşlary toparlaýyn agzybirligiň iň gowy nusgasyna öwrüldi. Bu ýaryşda talyplar diňe bir fiziki güýçlerini däl, eýsem bir-birini duýmak we goldamak ukyplaryny hem görkezýärler. Ýaryşlar mart aýyna çenli dowam eder. Oňat netije görkezen türgenler halkara ýaryşlarda ýurdumyzyň sport abraýyny goramaga hukuk gazanarlar.

***Ýakup Haknazarow*, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## «TALYP GÖZELI – 2026» ATLY GÖZELLIK BÄSLEŞIGI: MILLI GYMMATLYKLARYŇ WE ÝAŞ ZEHINLERIŇ DABARASY




Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, 2026-njy ýylyň “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” şygary astynda ýurdumyzda giň gerimli medeni-köpçülikleýin çäreler yzygiderli guralýar. Şeýle ähmiýetli çäreleriň biri hökmünde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň bilelikde guramagynda Halkara zenanlar güni mynasybetli geçirilen «Talyp gözeli – 2026» atly gözellik bäsleşigini görkezmek bolar.

Bu gözellik bäsleşigi diňe bir daşky gözelligi däl, eýsem talyp gyzlaryň içki dünýäsiniň baýlygyny, ahlak sypatlarynyň ýokarylygyny, zehin-başarnyklaryny we milli gymmatlyklarymyza bolan çäksiz söýgüsini açyp görkezmek maksady bilen guraldy. Bäsleşigiň esasy maksatlarynyň arasynda talyp gyzlaryň:

• Zehin-başarnygyny we ugurtapyjylygyny: Dürli ugurlardaky bilimlerini, döredijilik ukyplaryny we çylşyrymly ýagdaýlardan baş alyp çykmak başarnygyny görkezmek.

• Maksadaokgunlylygyny we ruhubelentligini: Öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmek ugrundaky erjelligini we durmuşa bolan oňyn garaýşyny beýan etmek.

• Watanymyza we halkymyza bolan çäksiz söýgüsini hem-de buýsançlylygyny: Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna, Bitaraplygyna we ähli gazanan üstünliklerine bolan çuňňur hormatyny we buýsanjyny görkezmek.

• Ene-mamalarymyzdan miras galan asylly däp-dessurlarymyzy we halkymyzyň köp öwüşginli medeni mirasynyň nepis aýratynlyklaryny kämil bilşini: Milli el işlerini, aýdym-sazlary, edebiýaty we taryhy bilmek derejesini görkezmek, şol gymmatlyklary ýaş nesillere ýetirmek ukybyny subut etmek.

• Gyz maşgala mahsus medeniýetini, ýokary ahlak sypatlaryny we edep-ekramlylygyny: Türkmen gyzynyň asyllylygyny, sypaýylygyny, terbiýeliligini we jemgyýetde özüni alyp barşynyň nusgalyk bolşuny görkezmek.

«Talyp gözeli – 2026» atly gözellik bäsleşiginiň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň fakultetleriniň talyp gyzlarynyň arasynda geçirilen tapgyry hem ýokary guramaçylyk derejesinde boldy. Bu tapgyrda institutymyzyň zehinli talyp gyzlary özleriniň ähli ukyplaryny görkezip, ýeňiş ugrundaky bäsleşikde uly höwes bilen çykyş etdiler. Netijede, sport fakultetiniň sport tehnologiýalarynyň tehniki üpjünçiligi hünäriniň 3-nji ýyl talyby Aýlar Orazmyradowa ýeňiji diýlip yglan edildi.

Bu bäsleşik ýaş gyzlaryň arasynda milli gymmatlyklarymyzy wagyz etmekde, olaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmekde we jemgyýetde işjeň orun eýelemegine ýardam bermekde uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanda ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin döredilýän giň mümkinçilikler, ýurdumyzyň geljekki gülläp ösüşiniň berk binýadydyr.

*Gülnur Baýlyýewa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## TÜRKMENISTAN ITALIÝADA GEÇIRILEN HALKARA JIU-JITSU ÝARYŞYNDA ÜÇÜNJI ORNY EÝELEDI




Türkmenistanyň milli ýygyndy topary Italiýanyň Genuýa şäherinde geçirilen reýtingli halkara jiu-jitsu ýaryşynda uly üstünlik gazandy. Dünýäniň 30 ýurdundan 450-den gowrak türgeniň gatnaşan bu bäsleşiginde türkmen türgenleri umumy medal sanawynda 7 altyn, 6 kümüş we 5 bürünç medal bilen üçünji orny eýelediler. Milli ýygyndy toparyň düzüminde ýurdumyzyň dürli okuw mekdeplerinden 18 türgen çykyş etdi. Altyn medallara Nuryýew Soltanmyrat (56 kg), Rahmanow Şyhberdi (62 kg), Öwezow Yslam (69 kg), Taganow Rahmet (77 kg), Gökgäýewa Suraý (57 kg), Abdyýewa Hurma (52 kg) we Ýollyýew Eziz (85 kg) mynasyp boldular. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary bu halkara ýaryşda 4 altyn, 2 kümüş, 2 bürünç, jemi 8 sany medallary gazandylar. Medal sanawynyň lideri Italiýanyň ýygyndy topary bolup, ikinji orny Gazagystanyň ýygyndy topary eýeledi.

*Aýmyrat Saparow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## TÜRKMENISTAN ITALIÝADA GEÇIRILEN HALKARA JIU-JITSU ÝARYŞYNDA ÜÇÜNJI ORNY EÝELEDI



Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda 2025–2026-njy okuw ýylynyň ikinji ýarymýyllygynda okuw meýilnamasyna laýyklykda talyplaryň tejribelik tapgyry giň gerimde ýola goýuldy. Bu tejribelikler geljekki hünärmenleriň nazary bilimlerini amaly başarnyklar bilen utgaşdyrmaga gönükdirilýär. 2-nji ýyl talyplary 4 hepdelik okuw tejribeligini, 5-nji ýyl talyplary bolsa 16 hepdelik önümçilik tejribeligini geçýärler. Tejribelik ýerleriniň hatarynda orta mekdepler, Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirligine degişli sport mekdepleri, Gyşky oýunlar sport toplumy, Türkmenistanyň Olimpiýa suw-sport toplumy, Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebi, «Köpetdag» sport toplumy, ýokary okuw mekdepleri, Milli atly sport merkezi, Aşgabat atçylyk sport toplumy, şeýle hem gazet-žurnallaryň redaksiýalary we sportuň görnüşleri boýunça federasiýalar bar. Talyplar tejribelik döwründe zerur bolan ýollaýyş hatlary hem-de gündelikler bilen üpjün edildi. Şeýlelikde, tejribelik tapgyrlary talyp ýaşlaryň hünär taýdan kämilleşmegine, iş tejribesini gazanmagyna hem-de geljekki zähmet ýoluna ynamly gadam basmagyna berk binýat döredýär.

*Begenç Annageldiýew,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## AGYR ATLETIKAÇY OGLAN-GYZLARYN ÜSTÜNLIGI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ýurdumyzda sportuň ösüşine berilýän ünsüň netijesinde, ýaş türgenler yzygiderli täze sepgitlere ýetýärler. Munuň aýdyň mysaly hökmünde 2026-njy ýylyň 17-20-nji fewraly aralygynda geçirilen Sportuň agyr atletika görnüşi boýunça oglan-gyzlaryň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatyny görkezmek bolar. Bu bäsleşik, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň türgen talyplarynyň ýokary ussatlygyny we taýýarlyk derejesini ýene bir gezek subut etdi.

Çempionatda ýurdumyzyň dürli künjeklerinden gelen iň ökde agyr atletikaçylar güýç synanyşdylar. Bäsleşikler gyzgalaňly we çekeleşikli geçip, türgenleriň her biri öz agram derejesinde iň gowy netijeleri görkezmäge çalyşdy. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary bu ýaryşda aýratyn tapawutlandylar. Olar dürli agram derejelerde çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp boldular we institutymyzyň sport mekdebiniň abraýyny belende galdyrdylar.

Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň zehinli talyplary, ýokary ussatlyk we erjellik görkezip, altyn medallara mynasyp boldular. Olaryň hatarynda:

- Amanowa Medine (221-nji topar)
- Rustamowa Anamjan (225-nji topar)
- Täçmyradowa Mähriban (228-nji topar)
- Amanhanow Çaryýar (327-nji topar)
- Madrimow Mahkambek (523-nji topar)
- Töräýew Gaýgysyz (523-nji topar)
- Töräýew Ramazan (523-nji topar)

Bu ýaş türgenler öz agram derejelerinde birinji orny eýeläp, Türkmenistanyň agyr atletika sportunyň geljeginiň ýagtydygyny görkezdiler. Olaryň her biri ýokary fiziki taýýarlygy we psihologiki durnuklylygy bilen tapawutlandy.

Kümüş medallary gazanan talyplar hem ýokary netijeler görkezip, özleriniň ussatlygyny subut etdiler. Bu türgenler:

- Orazowa Gurbangözel (125-nji topar)
- Çommykow Döwletgeldi (223-nji topar)
- Halmämmedowa Jennet (325-nji topar)
- Ýegenmyradow Salyh (327-nji topar)
- Amannowa Ogulgerek (424-nji topar)
- Durdyýewa Gülşat (527-nji topar)
- Berdimuhammedow Ýakup (423-nji topar)

Olaryň her biri öz agram derejesinde ikinji orny eýeläp, ýeňiş ugrundaky tutanýerliligini we sporta bolan söýgüsini görkezdi.

Bürünç medallara mynasyp bolan türgenler hem bäsleşigiň umumy derejesini ýokarlandyrmaga uly goşant goşdular. Olar:

- Rejepow Muhammet (126-njy topar)
- Meredow Aşirgeldi (324-nji topar)

Bu türgenler öz agram derejelerinde üçünji orny eýeläp, geljekde has uly üstünliklere ýetmek üçin uly mümkinçilikleriniň bardygyny görkezdiler.

Geçirilen Türkmenistanyň çempionaty, ýurdumyzda agyr atletika sportunyň yzygiderli ösýändigini we ýaş zehinleriň köpelýändigini aýdyň görkezdi. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplarynyň gazanan bu üstünlikleri, olaryň yzygiderli türgenleşiginiň, tälimçileriň ussatlygynyň we sporta bolan çäksiz söýgüsiniň netijesidir. Bu ýaryş, türgenler üçin diňe bir medal gazanmak däl, eýsem tejribe toplamak, öz ussatlygyny kämilleşdirmek we geljekki halkara ýaryşlara taýýarlyk görmek üçin möhüm tapgyr boldy. Biz bu zehinli türgenlere geljekdäki ýaryşlarda-da uly üstünlikler, täze ýeňişler we rekordlar arzuw edýäris. Olaryň her biri Türkmenistanyň sport abraýyny dünýä derejesinde belende galdyrmaga ukyplydyr. Türkmenistanyň sport hereketiniň "bedew batly" ösüşleri dowam edýär we geljekde hem täze ýeňişlere beslener.

*Annamämmet Baýsähedow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## BÄSLEŞIGIŇ ÜSTÜNLIKLERI

2026-njy ýylyň "Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany" şygary astynda geçýän ýylynda hem sport wakalaryna baý bolýar. Şeýle wakalaryň biri hökmünde Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen "Türkmenistan-ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy" atly XV Uniwersiadanyň çäklerindäki gandbol ýaryşyny görkezmek bolar. 2026-njy ýylyň 24-nji fewralynda geçirilen bu ýaryş, ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda sport ussatlygyny we toparda işlemegiň ähmiýetini görkezmek üçin ajaýyp mümkinçilik boldy. Duşuşyklar diýseň gyzykly we çekeleşikli geçdi. Talyp türgenlerimiz, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sporta berýän goldawyna jogap edip, ýokary ruhubelentlik we maksadaokgunlylyk bilen çykyş etdiler.

Ýaryşda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp gyzlaryndan düzülen topar aýratyn tapawutlandy. Bu topar, ýokary taýýarlygy we agzybirligi bilen, ähli garşydaşlaryndan üstün çykyp, birinji orna, ýagny altyn medala mynasyp boldy. Toparyň düzüminde aşakdaky ökde türgenler çykyş etdiler:

- Atageldiýewa Ogulbagt (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 121-nji toparynyň talyby)
- Bondarenko Wiktoriýa (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 125-nji toparynyň talyby)
- Muhammedowa Bagtynýaz (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 127-nji toparynyň talyby)
- Ataýewa Ogulmiwe (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 224-nji toparynyň talyby)
- Şarafutdinowa Wladlena (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 224-nji toparynyň talyby)
- Yhtyýarowa Sewara (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 225-nji toparynyň talyby)
- Serdarowa Täzegül (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 323-nji toparynyň talyby)
- Begjanowa Anna (Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň 421-nji toparynyň talyby)
- Geldiýewa Jennet (Bedenterbiýe fakultetiniň 314-nji toparynyň talyby)

Bu üstünligi, beýleki ýaş türgenler üçin hem görelde bolup, olary sport bilen işjeň meşgullanmaga we Watanymyzyň sport abraýyny dünýä derejesinde belende galdyrmaga ruhlandyrar.

***Näzik Bazargulyýewa,*** **Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## DIŇE FUTBOL HAKYNDA

Dünýäde iň meşhur sport görnüşleriniň biri diýlende elbetde köpleriň aňyna sportuň futbol görnüşi gelýär. Statistiki habarlaryň berýän maglumatlaryna ser salanymyzda futbol oýny özüniň janköýerleriniň beýleki sport görnüşleriniňkä seredeniňde artykmaçlygy, dünýä döwletleriniň ählisinde diýen ýaly esasy sport görnüşleriniň hataryndalygy galyberse-de bu sport görnüşi bilen meşgullanýan türgenleriň agdyklyk edýänligi bilen düýpli tapawutlanýar. Futbol – bu diňe bir iki topara bölünip, meýdançada 90 minudyň dowamynda oýnalýan oýun bolman, eýsem, birnäçe rekordlary, täsinlikleri özünde jemleýän sport görnüşleriniň biridir. Men hem sport žurnalistikasy hünäriniň talyby hökmünde futbol dünýäsinden täsin maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirmegi makul bildim.

***

Sportuň futbol görnüşi Olimpiýa oýunlarynyň düzümine 1900-nji ýylda girizildi. Parižde geçirilen II Olimpiýa oýunlarynda oýnalan bu ýaryş diňe erkekleriň arasynda geçirilendigini bellemek gerek.

***

Futbol dünýäsinde iň baýry, tejribeli futbol oýunçysy 58 ýaşly Kazuýoşi Miura hasaplanýar.

***

Futboluň taryhynda iň gymmat transfer Neýmaryň «Barselona» futbol toparyndan "Pari Sen-Žermen" futbol toparyna geçmegidir. Şeýle transfer 2017-nji ýylda baglaşylyp onuň umumy bahasy 222 milliýon ýewro barabardyr.

***

Hünär ýolunda iň köp pökgini derwezeden geçiren futbol oýunçysy Kristian Ronaldo hasaplanylýar. Ol pökgini derwezeden 900-den gowrak gezek geçirip Ginnesiň rekordlar kitabyna hasaba alyndy.

***

Futboluň taryhynda iň çalt pökgini derwezeden salmagy başaran oýunçy Nawid Jahanbahşdyr. Ol pökgini derwezeden oýnuň başlananyndan 3.2 sekunt soňra salmagy başardy.

***

Pökgini iň uzak aralykdan derweză salmagy başaran futbol oýunçysy Tom Kingdir. Ol pökgini 96.01 metr aralykdan derweză salyp, Ginnesiň rekordlar kitabyna adyny ýazdyrmagy başardy.

***

Futbol boýunça ilkinji dünýä çempionaty 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirildi.

***

Futbol oýnunda 17 sany düzgüni bar. Ýeri gelende bellesek häzirki zaman futbol oýnunyň ilkinji düzgünleri 1863-nji ýylda Beýik Britaniýanyň Futbol Assosiasiýasy tarapyndan düzüldi.

***

Zenanlaryň arasynda futbol boýunça ilkinji dünýä çempionaty 1991-nji ýylda Hytaýda geçirildi.

***

Dünýäde ilkinji döredilen futbol kluby (Sheffield FC) Şefild futbol klubydyr. Ol Beýik Britaniýada 1857-nji ýylda döredildi.

***

Ilkinji gezek futbol oýny telewideniýede göni ýaýlymda 1937-nji ýylda görkezildi.

*Mamagül Joraýewa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Ýaýdan ok atmak sportuň täsin görnüşi




Sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy bolan diýarymyzda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýylynda sportuň dürli görnüşleri ösdürilýär. Mähriban Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ulgamy hökmünde sport görnüşleri bilen meşgullanmaga ähli mümkinçilikler döredilýär. Şol sport görnüşleriniň biri bolan ýaýdan ok atmagyň hem täsin aýratynlyklary bar.

Gadym döwürlerde adamlar töwereklerindäki dürli howplardan goranypdyrlar. Ýaý hem şolardan goranmagyň esasy serişdesi bolupdyr. Orta Aziýada, şonuň ýaly-da türkmenleriň arasynda howply bolsa-da, 20 metre golaý aralykdan nyşany goýup ýaý atypdyrlar. Harby usullar üçin hem onuň bilen meşgullanypdyrlar. Tegelekligi 3,5 uzynlygy 154 sm görnüşde ýaý ýasapdyrlar. Ok atyşmak patyşalaryň gurnaýan ýaryşy-da bolupdyr.

Orta asyrlarda ol gazaply ýarag hökmünde-de ulanylypdyr.Ýaý (peýkam) örän inçelik bilen ýasalypdyr. Ol babatda “Ýaý – awçynyň ýürekdeş ýoldaşy” hem diýilýändir. Şol döwürlerde aw awlamakda, söweşlerde ulanylýan ýaýlar bäş sany esasy bölekden ybarat bolupdyr. Ýaýyň özeni berk agaçdan ýasalypdyr we onuň uçlaryna kirişler berkidilipdir, onuň uçlary bolsa dürli görnüşli haýwanlaryň şahlary we beýleki şekiller bilen bezelipdir. Bu serişdeler köp babatda ýaýdan çykan okuň uçuş güýjüni artdyrypdyr. Kirişleriň ýaýa berkidilişi hem aýratyn häsiýete eýe bolupdyr. Onuň ähli bölekleri birleşdirilipdir we biri-birine berk berkidilipdir. Ýaýyň ortasyndaky el bilen tutulýan ýeri amatly ýagdaýa getirilipdir.

Häzirki günlerde sportuň ýaýdan ok atmak görnüşi bilen meşgullanýan türgenler köp. Oýnuň düzgünlerinde iki sany meýdança bolup, olaryň biri erkekler, beýlekisi zenanlar üçin niýetlenen bolmaly. Her meýdançada atyşlyk günorta-demirgazyk tarapa gönükdirilen bolmaly we olaryň hersinde 90-a golaý nyşana galkanlary ýerleşdirilip bilinmelidir.

Esasy meýdançadan uzak bolmadyk aralykda emeli taýdan örtülen ýerde türgenleşik meýdançasy bolýar we ol 40 sany nyşana galkanlaryndan ybaratdyr. Ýaryş boýunça meýdança eminleriň habar beriş enjamlary bilen doly abzallaşdyrylýar we olarda, esasan, Wengriýada öndürilen tablolar giňden peýdalanylýar.

Ýaýdan ok atyjylaryň bäsleşiklerine tomaşa etmek üçin amatly oturgyçlary bolan münberler bina edilýär.

Sportuň ýaýdan ok atmak görnüşleri bilen bagly adalgalaryň many aýratynlyklary we ýazuw düzgünleri öňden hem bize tanyşdyr. Sebäbi “Görogly” eposynda Göroglynyň ok ýaýyny dartdyryp, çekip atyş tilsimleri baradaky sözlerine-de eposy okanyňda göz ýetirmek mümkin. Olardan nyşana çenemek, ýaýdan ok atmak, atyjy, çeýelik, galkanlar, atmak ukyby bolan türgen ýaly sözler türkmen halkynyň taryhyndan öňden mälim bolan tilsimler baradaky sözlerdir.

***Bägül Çaryýarowa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# ÖKDELER ÖŇE SAÝLANÝAR



“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde birnäçe sport ýaryşlary geçirilýär. 23-nji fewralda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Türkmenistanyň talyplar ligasy boýunça sportuň futzal görnüşinden ýaryş geçirildi. Bu geçirilen ýaryşda ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlaryndan düzülen toparlar özara bäsleşdiler. Geçirilen oýunda ýokary okuw mekdebimiziň “Talyp sport” topary bilen Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň “Hazyna” topary özara ýaryşdylar. Ýaryş örän çekeleşikli dowam etdi. Ökdeler öňe saýlandylar. “Talyp sport” toparynyň oýunçylary öz ukyply emelleri bilen tapawutlanyp, bäsleşikde 7-2 hasabynda oýny jemläp, üstünlik gazanmagy başardylar. Ýeri gelende aýtsak “Hazyna” toparynyň tälimçisi Döwlet Habylow Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünärinde okap, bilim alypdy.

Institutymyzyň “Talyp sport” toparyndan Akmyrat Durdyýew, Alyşer Hudaýbergenow, Muhammet Amatow ýaly oýunçylar has hem tapawutlandylar. Gazanan üstünlikleri bilen talyp türgenleri tüýs ýürekden gutlaýarys. Olaryň gadamlarynyň batly bolup, indiki bäsleşiklerde hem üstünlik gazanmaklaryny arzuw edýäris.

Ýurdumyzda şeýle sport çärelerini geçirmäge, köpçülikleýin sporty ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp-köp alkyş aýdýarys.

***Feride Hajymämmedowa ,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# Boýy uzyn oýunçylar kelle bilen oýnamakda hemişe ezber bolmaýarlar

Eger-de oýunçynyň boýy uzyn bolup, tasirlenmesi pes bolsa, onda ol, koplenç halatda, özünden has çalasyn garşydaşlaryna pökgini utduryar. Futboly seljermek bilen meşgullanýan alymlar kelle bilen üstünlikli oýnap gol geçirmage ýokarlygyna ýönekey bökmek däl-de, topuň uçuş zolagyna iň amatly pursatda girmek sebäp bolýar diyip hasaplaýarlar.

Uzyn boýly oýunçylar bat alyp pökginiň öňünden çykmadyk halatlarynda, goragçylaryň arasynda görünman galýarlar. Boýy beýlebir uzyn bolmadyk, ýöne güýçli oýunçylar garaşylmadyk urgular üçin bedenlerinde ýaýjykly hereketleri ýerine ýetirmäge ukyply bolýarlar.

Galybersede, futbolyň taktikasynyň ösüşi hem onçakly uzyn bolmadyk futbolçylaryň kelle bilen oňat oýnamagyny güýçlendiryär. Garşydaşyň güýçli gyssalmagy, ýagny pressing edilmegi hem-de garşylyklaýyn hüjüme çalt geçilmegi bilen hasiýetlendirilýän häzirki zaman futboly uzyn boýuň artykmaçlygyny aradan aýyrýar diyip aýdanymyzda hem hakykatdan daş düşdügimiz bolmaz.

Hazirki wagtda hemmetaraplaýyn oýnamagy başarýan futbolçylaryň döwri geldi, uzyn boýly futbolçylar bolsa diňe oýnuň bir ugry boýunça meseleleri çözmäge ukyplydyrlar. Olar diňe oýnuň ahyrynda garşydaş öz meýdançasyna gysylyp goranýan halatynda ýokardan gelýän pökgi ugrunda göreşip, basdeşlerini gyssamakda peýdalydyr.

Futbolda uzyn boý, köplenç, ýokarda oýnamakda artykmaçlyk berýär diýlip hasaplanylýar, ýöne hakykat ýüzünde bu düýbünden beýle däldir. Sebäbi, üstünlik diňe beden görkezijilerine bagly bolmaýar. Ýokarda göreşmekde wagtyny bilip bökmek, jerime meýdançasynda ornuňy saýlamagy başarmak, oýny okamak ýaly başarnyklar ustunlik getiryar.

***Sonajan Tekemämmedowa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# KÄMILLIGIŇ ÝOLUNDA

Çagalykdan goşgy ýazmaga, çeper eserleri okamaga gaty höweslidim. Şol höwes bilen sekizinji synpda okap ýören wagtlarym goşgy ýazmaga synanyşdym. Ýazan goşgymy türkmen dili we edebiýaty mugallymymyz Bahargül Nazarowa görkezdim. Mugallymymyz goşgymy okap gördide:

— Erbet däl, ýöne saňa bu ugurdan halypa gerek. Eger bu ugra ýürekden ýapyşsaň, saňa halypa boljak adamy tapyp bereýin. Ol adam uzakda däl, özem biziň mekdebimiziň uçurymy — diýdi.

Men begenjimden guş bolup, asmana uçaýjak ýaly boldum. Şol bada meniň serime gelen pikir: «Meniň bu ýoldaky halypam kimkä?» diýen pikir boldy. Men birbada şeýle bir tolgundym welin, göz açyp ýumasy salymda maňa ýol-ýörelge görkezjek, bu ugurda meni kämillige ýetirjek halypamyň ýanynda bolmak isleýärdim.

Ol şeýle-de boldy. Mugallymymyz meni Görogly etrap häkimligine alyp bardy. Kaşaň binanyň ýüzünde «TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşi» diýlip ýazylgy otagyna alyp girdi. Bizi uzyn boýly, hortap, otuz-otuz bäş ýaşlaryndaky bir adam güler ýüz bilen garşy aldy. Mugallymym meni onuň bilen tanyşdyranynda, ilki gözlerime ynanman doňup galdym. «Daşoguz habarlary», «Esger» gazetlerinde astynda ady «Kemal Sabyrow» diýlip görkezilýän hekaýalara, goşgulara, makalalara ýygy-ýygydan duş gelýärdim. Meniň öňümde duran adam Kemal Sabyrowyň özi bolsa nätjek.

Ol meniň bilen tanyş bolanyndan soňra haýsy kitaplary okandygymy, haýsy şahyrlaryň goşgularyny ýatdan bilýändigimi, şu günler haýsy kitaby okap ýörendigimi sorady. Menem aljyrabrak jogap berdim.

Kemal aga maňa:

— Bilýäňmi, her obada, şäherde bolsun, parhy ýok, ussaçylyk edýänem köpdür, sürüjem köpdür, dürli kärleriň eýeleri köpdür. Ýöne döredijilik bilen meşgullanýan adamlar seýrekdir. Çünki bu zehin gaty köp adamyň arasyndan seýrek duş gelýändir. Özüňi bu ugra bagladyňmy, ýürekden ýapyşyp, yhlas etmeseň, ol aňsat başardaýmaz. Onuň üçinem esasy etmeli işiň köp okamak bolmaly. Okaman ýazjak bolmak, ýüzmegi bilmän, suwa giren ýalydyr. Şonuň üçin, eger yhlasly ýapyşjak bolsaň, her hepde habarlaşyp geliber. Ýöne her geleniňde bir kitap ýa-da täze bir hekaýa, makala, goşgular okap gelmeseň bolmaz! — diýdi.

Men razylaşdym. Soň ýuwaş-ýuwaşdan ýanyna gatnap başladym. Goşgularymy görkezenimde, ol üns bilen okap çykyp, eline ruçkasyny alyp: «Bu ýeri beýle, bu ýerinem oňarmansyň» diýip bellik ederdi. Ýöne düzedip, özi ýazyp bermezdi. Sebäbinem:

— Men seniň goşgyňy düzedibem bilerin, ýöne ol onsoň seniň goşgyň bolmaýar, öz ýalňyşyňy özüň düzetmegi öwren — diýerdi.

Bu sözler meniň döredijilik dünýämi tanalmaz derejede timarlady. Käwagt:

— Beýdip ýazjak bolsaň, gowusy, ýazma, ýanyma beýle zat getiribem oturma. Gowusy, başga bir käriň ugruna çykyber — diýip gaharlanýan pursatlaram bolardy.

Ýöne indiki gezek baranymda hiç zat bolmadyk ýaly garşylap, goşgularymy gözden geçirerdi. Halypam meni ilki-ilkiler etrap, soňra welaýat derejesinde geçirilýän döredijilik duşuşyklaryna gatnaşdyryp başlady. Bir gezek Daşoguz welaýat kitaphanasynda geçirilen döredijilik duşuşygyna gatnaşmaga halypam bilen bile gitdim. Görsem, ol ýere başgada halypa ýazyjy-şahyrlar gelipdir. Mundan başga-da Daşoguzyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyplary, mugallymlary hem bu duşuşyga gatnaşýar ekeni. Duşuşykda iň kiçi ýaşly gatnaşyjy hökmünde maňa-da gezek berdiler. Şonda ilkinji gezek köpçüligiň öňüne çykanymda aljyrajak boldum. Görsem, halypam maňa seredip başyny ýaýkap otyr. Derrew özümi ele alyp, ýzly-yzyna iki goşgy okadym. Hemmeler el çarpyşdylar. Men muňa monça boldum. Döredijilik duşuşygyny alyp barýan adam:

— Ýene-de goşgyň barmy, okajakmy? — diýip sorady.

Men halypamyň ýüzüne seretdim, ol «okaber» diýýän manyda baş atdy. Ýene-de bir goşgy okap berdim. Maňa aýratyn «berekella» aýtdylar.

Şondan soňra döredijilige ymykly berlenimi duýman galypdyryn. Elbetde, bu derejä barýançam halypamyň çeken zähmetlerini hem unutmak bolmaz. Halypamyň özi hem döwlet derejesinde geçirilýän döredijilik bäsleşiklerine yzygiderli gatnaşýardy, öňdäki orunlary eýeläp, Hormat hatlaryna, sylaglara mynasyp bolýardy. Bu häsiýetini maňa-da öwretdi. Meniň üstünligime özümden hem artyk begenmegi başarýardy. Ol bir gezek maňa:

— Sen welaýat derejesinde birinjiligi eýelemegi başardyň, indi döwlet derejesindäki bäsleşiklere gatnaşyp başlamaly wagtyň geldi! — diýdi.

Halypamyň maslahatyna eýerip, döwlet derejesindäki bäsleşikleriň üçüsinde: 2024-nji «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyna bagyşlanyp geçirilen «Gelse Nowruz äleme, reň kylar jahan peýda», şol sanda «Berkarar döwletiň ylham joşguny» atly döredijilik bäsleşiklerine gatnaşyp, öňdäki orunlara mynasyp boldum. 2024-nji ýylyň maý aýynda Magtymguly Pyragynyň dogduk obasynda geçirilen sylaglanyş dabarasyna gatnaşmagym bolsa meniň öňümde uly bir dünýäniň gapysyny açdy. Şeýle hem şol ýylyň ahyrlap barýan günlerinde «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň yglan eden «Bitaraplyk ýörelgesi ýagty ertä şanymyz, alkyşymyz çäksiz size, Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijisi boldum. Gazanan üstünliklerim meni «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynda zähmet ýoluma başlamagyma sebäp boldy. Meniň bu ýerlere gelip, döredijilik dünýämde şu derejelere ýetiren halypama enem-atamyň öňündäki borjum ýaly, Kemal agada bergidardyryn.

Görüp-eşidip otursam, halypam menden ozalam etrabymyzdan Aknur Ataýewa, Ogulnur Pirjikowa, Suraý Öräýewa, Aýşirin Döwletowa, Aýnur Aşyrowa ýaly okuwçylara halypalyk edip, ak pata berip ugradan ekeni. Goňşy etraplardan Söhbet Orazmuhammedow, Begenç Annaýew, Didar Erkäýew, Mätgurban Mätgurbanow, Kerwen Igdirow ýaly ýaş şahyrlaryň hemmesi hem Kemal aga «halypa» diýip ýüzlenýän, onuň bilen ýakyn gatnaşykda bolýan ekeni.

Halypamdan öz halypalary barada soranymda, ol ilki bilen dymdy. Soňra:

— Daýanç, men eserlerini söýüp okaýan ýazyjy-şahyrlarymyň ählisini halypam hasaplaýan. Ýöne ilki ýol-ýörelge görkezen halypalarym barada aýtsam, «Daşoguz habarlary» welaýat gazetiniň baş redaktory bolup işlän, halypa žurnalist Amanmyrat Saparow, onuň egindeşleri Gurbannepes Şammyýew, şahyr Mämmetnazar Babanazarow, Baba Şyhyýew, Reýimbaý Sabyrow, Mahym Piriýewa, Gutlymyrat Aşyrow, Öre Hojaýew dagy bilen tirkeşip, işleşip köp zat öwrendim, şolary halypalarym hasaplaýan. Hekaýa ýazmakda baş halypam öz daýym, dilçi alym, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Rejep Pirjanow boldy. Daýym bilen seýregräk duşuşan hem bolsam, köp zatlary öwrenmäge ýetişdim, öwrenip ýetişmedik zatlarym bolsa gaty köp — diýdi.

Halypamdan:

— Siz diňe hekaýa, goşgy, makala ýazýaňyz. Ulurak göwrümli eser, powest ýa-da roman ýazmaga synanyşmadyňyzmy? — diýip soranymda:

— Meniň doglan ýerim goňşy Özbegistan döwletiniň çägine degişli. Biz Görogly etrabyna 1986-njy ýylda göçüp geldik, şol wagt men dört ýaşymdadym. Özbegistanda men we meniň kakam doglupdyr. Atam bolsa Görogly etrabynyň B.Öwezow geňeşligine degişli obada doglan ekeni. Atam dagynyň çagalygy gaty çylşyrymly döwre gabat gelipdir. Bu barada atamdan kän gürrüňler eşitdim. Şol gürrüňleri jemläp, öz ata-babalarym, olaryň durmuşy barada bir roman ýazmaga başladym. Ýöne entek onuň üstünde kän işlemeli, şolam meniň ilkinji uly işim — diýdi.

Aýlar, ýyllar aýlanyp, orta mekdebi hem tamamladym. Halypam dana atamyz Magtymguly Pyragynyň «Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň...» diýen sözleri esasynda kämilleşdirdi. Bu ýol mende žurnalist bolmaga höwes döretdi. Kemal aganyň maňa bildiren ynamy, bu ugurda beren öwütleri, çeken zähmeti meni Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby diýen belent ada mynasyp bolmagyma mümkinçilik berdi.

Jemgyýetçilik guramasynyň işgäri bolup, jemgyýetçilik işleriniň daşyndan döredijilige wagt tapyp, önjeýli işläp, şägirtleriň giden hataryny ýetişdiren halypama ýürekden hoşallygymy bildirýärin.

***Daýanç Tagyşow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## SPORT BAÝRAMY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda sport baýramy, talyplar ligasynyň täze möwsümi başlandy. 2026-njy ýylyň 13-nji fewralynda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly atmyradyň mekany” diýen şygar astynda Türkmenistanyň bedenterbiýe we sport ulgamynyň esasy ojagy bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutymyzda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän futzal, basketbol we woleýbol boýunça Talyplar ligasynyň täze tapgyryna dabaraly ýagdaýda badalga berildi. Geçirilen açylyş dabarasy talyplaryň arasynda uly ruhubelentlik döretdi. Ýaryşlar diňe bir ýeňijini kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini dabaralandyrmak we ýurdumyzyň milli ýygyndy toparlaryna täze zehinleri saýlap almak maksady bilen guraldy. Dabaranyň dowamynda türgen talyplaryň ýörişleri, institutymyzyň aýdym - saz we tans toparlarynyň çykyşlary, çäräniň sport ruhuny has-da belende göterdi. Ýaryşlar ýokary depginde sportuň giňden ýaýran we gyzykly üç görnüşi boýunça geçirilýär.

Futzal sportuň giňden ýaýran görnüşi bolup, ýaşlar ony uly gyzyklanma bilen oýnaýarlar. Ýaryşda futzal meýdançasynda duşuşan talyplar ýokary tilsimlerini we tizliklerini görkezdiler. Institutymyzyň topary ilkinji oýunlarda özüniň taktiki taýdan kämildigini subut etdi. Tomaşaçylaryň gyzgyn goldawy astynda geçýän bu oýunlar, futzalyň ýaşlaryň arasynda iň söýgüli sportlarynyň biridigini ýene-de bir gezek tassyklady.

Çalasynlary we çeýeleri saýlaýan basketbol oýny boýunça geçirilýän bäsleşikler hem gyzykly pursatlara baý boldy. Jeýms Neýsmit tarapyndan oýlanyp tapylan bu sportuň asyl ýörelgelere eýerip, talyplar takyklyk we çalasynlyk bilen bäsleşigi jemlediler. Institutymyzyň basketbolçy talyplary sebede pökgi oklamakda, hüjüm we goranyş taktikasyny ýerine ýetirmekde ussatlyk görkezip, beýleki ýokary okuw mekdepleriniň toparlaryna mynasyp garşylygy görkezýärler.

Toparlaýyn oýnalyp, köpleriň ünsüni özüne çekýän ýene bir sport görnüşi bolan woleýbol ýaryşlary bolsa toparlaýyn agzybirligiň iň gowy nusgasyna öwrüldi. Her bir topuň ugrunda alnyp barylýan çekeleşikli göreşler, sport toplumyna ýygnanan janköýerleriň şowhunyny has-da artdyrdy. Bu ýaryşda talyplar diňe bir fiziki güýçlerini däl, eýsem bir-birini duýmak we goldamak ukyplaryny hem görkezýärler. Ýaryşlar mart aýyna çenli dowam eder. Liganyň netijeleri boýunça iň oňat netije görkezen türgenler halkara ýaryşlarda ýurdumyzyň sport abraýyny goramaga hukuk gazanarlar.

*Leýli Allamyradowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

## SAGDYN DURMUŞY DABARALANDYRÝAN TALYPLAR LIGASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sportuň ösdürilmegi ýaş nesliň sagdyn durmuşa höwesini artdyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaşlaryň beden we ruhy taýdan kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi ugrunda uly tagallalary edýär. Şunda bedenterbiýä we sporta wajyp orun degişlidir.

Ýaňy-ýakynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Türkmenistanyň Talyplar ligasynyň açylşynyň bolmagy ýurdumyzda talyp ýaşlaryň arasynda sporta bolan söýgini artdyrmakda uly işleriň alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Talyplar ligasynyň çäklerinde futzal, basketbol hem-de woleýbol boýunça ýaryşlara badalga berildi. Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň bilelikde guraýan bäsleşiginiň açylyş dabarasynda çykyş edenler ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, ýaş nesli sagdyn ruhda terbiýelemek hem-de ýokary netijeli sporty goldamak ugrunda alnyp barylýan giň gerimli işleriň ähmiýetini bellediler.

Bellenilşi ýaly, Türkmenistanyň Talyplar ligalarynyň açylmagy talyp ýaşlaryň arasynda bäsdeşlige ukyplylygy güýçlendirmäge hem-de ýurdumyzyň sport abraýyny has-da belende galdyrmaga gönükdirilendir. Onuň maksady bolsa, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriljek sport ýaryşlarynyň netijesinde degişli sport ugurlary boýunça iň ökde toparlary we talyplary ýüze çykarmakdyr. Galyberse-de talyplaryň okuwdan boş wagtlary işjeň dynç alyşlaryny kämil derejede guramakdan, fiziki taýdan zähmete uýgunlaşdyrmakdan, sporta ata Watana bolan söýgini terbiýelemek we ony goramaga bolan hyjuwy artdyrmakdan ybaratdyr.

Dabaranyň çäginde “Sagdyn nesiller” çeper höwesjeňler toparynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Çykyşlarda sagdyn durmuş ýörelgesiniň, sportuň we ruhubelentligiň waspy ýetirildi.

*Annageldi Gadamow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## DÖWRÜŇ BUÝSANJY

Behişdi ahalteke bedewlerimiz halkymyzyň gözguwanjy we buýsanjy. Gözelligi, ýyndamlygy, wepalylygy, çydamlylygy, duýgurlygy bilen saýlanýan türkmen ahalteke bedewlerimiz dünýäniň üns merkezinde.

Garaşsyz döwletimiziň ösüş tizliginiň bedew badyna deňelmegi ýöne ýerden däldir. Çünki ahalteke bedewlerimiz gadymyýetden bäri halkymyzyň wepaly dosty, ömrüni ömrüne baglan syrdaşy bolup gelýär. Ata-babalarymyzyň: «Irden tur, ataňy gör, atañdan soň, atyňy» diýen ýaly manysy altyna gaplaýmaly jümleleri bedewlerimize goýulýan belent sarpanyň nyşanydyr. Garaşsyz döwletimiziň taryhynda bedew keşbi döwlet Tugramyzyň merkezinde mynasyp orun tapdy. Geçirilýän iri sport ýaryşlarymyzda türkmen alabaý iti Wepaly bilen bir hatarda ajaýyp bedewlerimiziň şekili türgenlerimiziň ruhy goldawçysy bolup orta çykýar.

Ata-babalarymyz bedewlerimiziň ähli döwürlerde-de gadyr-gymmatyny bilipdirler. Bu aýdylanlaryň hakykatdan daşda däldigini halkymyzyň şöhratly bäş müň ýyllyk taryhynyň dowamynda dürli döwürlerde döreden eserleriniň many-mazmunyndan hem görmek bolýar. Olarda bedewlerimiz halkymyzyň ylham çeşmesi, iň ýakyn dosty hem-de syrdaşy hökmünde wasp edilýär. «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» dessançylyk sungaty ýaly dilden-dile geçip gelen şadessanlarymyzda adamkärçilikli, watansöýüji ynsan keşpleri bilen bir hatarda eýesine wepaly, ynsan ýaly syzgyr ajaýyp bedew keşpleri döredilipdir. Görogly begiň kynçylykly pursatlarda:

Perzent dilemedim, seni diledim... —

diýip, wepaly Gyratyna sygynmagy, «Gorkut atanyň» boýlaryndaky Salyr Gazan, Bamsy Birek, Näzli Çeçek ýaly gahrymanlaryň söweş we adaty güýç synanyşmak meýdanlarynda bedew gaýratyna bil baglamaklary ata-babalarymyzyň, ene-mamalarymyzyň halkymyzyň diňe bir öz ýaşan döwründäki däl-de, eýsem geljekki ykbalyny hem bedewler bilen baglandyklaryny görkezýär. Bu pikiri pederlerimiziň: «Guşuň ganaty bolsa, goç ýigidiň aty bar», «Bedew at menzil keser», «Tanapy ýüpekden, üzeňňisi kümüşden», «Taý ata ýetirer, at myrada», «Aty söýenden at galar», «At — döwletlilik», «At basyşyndan belli, är bakyşyndan», «At saklamak — han saklamak» diýen ýaly nakyllardyr atalar sözleri hem tassyklaýar.

*Arzuw Şaýymowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

**REDAKTOR:**
***Baýlyýewa Gülnur***

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**
M. Joraýewa, S. Bäşimowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, G. Soltowow, A. Halmedow, J. Baltabaýew, L. Kürenowa, H. Muhyýewa, A. Mämmedowa

**Salgysy:** 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

**E-mail:** *tdbsi@sanly.tm*

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşinde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

**Möçberi:** 8 sahypa

